# TÜRKMENISTANYŇ
# K A N U N Y

# EÝEÇILIK HAKYNDA

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 1993 ý., № 9-10, 53- madda)

(Türkmenistanyň 30.03.2007 ý. №115-III, 04.05.2012 ý. № 301-IV we 08.11.2014 ý. №147-V Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Türkmenistanda eýeçilik hukugy ykrar edilýär hem goralýar. Eýeçiligiň ähli görnüşiniň hem formasynyň ösdürilmegi üçin şolara hiç kimiň el batyryp bilmezligi, olaryň hemmesiniň deň derejede goralmagy hem-de hemmesi üçin deň şertleriň döredilmegi kanun arkaly kepillendirilýär.

## I bölüm.
## UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Eýeçilik hukugy

1. Eýeçilik hukugy - munuň özi eýeçilik hukugynyň subýektiniň (mundan beýläk «emläk eýesi» diýlip alynýar) eýeçilik obýektlerine (emläge) öz isleýşine görä eýelik edip, olary peýdalanyp we olara erk edip bilýänligidir, ýagny oňa şol hereketleri etmäge kanun arkaly ykrar edilýän hemem goralýan mümkinçiligiň berilmegidir.

2. Emläk eýesiniň öz eýeçilik obýekti (emlägi) barada Türkmenistanyň kanunlaryna ters gelmeýän islendik hereketi etmäge haky bardyr.

3. Emläk eýesiniň eýeçilik obýektine eýelik etmek, ony peýdalanmak we oňa erk etmek barada özüne berlen hukugy başga adamlara bermäge haky bardyr.

Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, emläk eýesi öz eýeçilik obýektini (emlägini) beýleki adamlaryň peýdalanmagyna berende, olaryň şol obýekti - emlägi çäkli derejede peýdalanmalydygy barada emläk eýesine borç ýüklenip bilner. Şol eýeçilik obýektini çäkli derejede peýdalanmagyň şertleri hem çäkleri kanun arkaly kesgitlenýär.

4. Eýeçilik hukugynyň amala aşyrylmagy töwerek-daşa zyýan ýetirmeli däldir, graždanlaryň, kärhanalaryň, guramalaryň we döwletiň hukuklaryny hem-de Türkmenistanyň kanunlary arkaly goralýan bähbitlerini kemsitmeli däldir.

**2-nji madda. Türkmenistanyň eýeçilik hakyndaky kanunlary**

1.Türkmenistanda eýeçilik gatnaşyklary Türkmenistanyň Konstitusiýasy, şu Kanun arkaly we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk aktlary arkaly düzgünleşdirilýär.

2.Taryh we medeni ýadygärliklere bolan eýeçilik hukugyny durmuşa geçirmegiň düzgüni Türkmenistanyň ýörite kanunlary arkaly kesgitlenýär.

3.Oýlap tapyşlary, açyşlary, ylym, edebiýat, sungat eserlerini hem-de intellektual (akyl) eýeçiligine degişli beýleki zatlary döretmek hem-de peýdalanmak baradaky gatnaşyklar awtorlyk hukugy bilen hem-de beýleki graždan kanunçylyk aktlary bilen, şeýle hem hökümetara ylalaşyklary bilen düzgünleşdirilýär.

4.Türkmenistanyň graždanlarynyň, döwlet, kooperatiw kärhanalarynyň, jemgyýetçilik we hususy guramalaryň beýleki döwletlerdäki eýeçilik obýektlerine eýelik etmegi, ony peýdalanmagy hem-de oňa erk etmegi şu Kanun arkaly, Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk aktlary arkaly hem-de şol eýeçilik obýektiniň-emlägiň bolýan döwletiniň, kanunlary, halkara hukugynyň normalary we döwletara ylalaşyklary arkaly düzgünleşdirilýär.

**3-nji madda. Eýeçiligiň döreýiş çeşmeleri**

Eýeçilik hukugy hojalyk işiniň, eýeçilik obýektini edinmegiň netijesinde ýa-da Türkmenistanyň kanunlaryna ters gelmeýän başga usul arkaly döreýär. Beýleki materiallar bilen material däl aktiwler hem (gymmat bahaly kagyzlar, patentler, lisenziýalar, awtorlyk hukuklary we başgalar) eýeçiligiň çeşmeleri bolup biler.

**4-nji madda. Eýeçilik hukugyna degişli obýektler**

Şular eýeçilige degişli obýektler bolup biler: ýer, ýerasty baýlyklar, suw resurslary, tokaý fondy, ösümlik hem haýwanat dünýäsi, dag-magdanly ýerler, emläk kompleksleri, jaýlar, desgalar, ýaşaýyş jaý-kommunal obýektleri, enjamlar, pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar hem-de önümçilik, sarp ediş sosial-medeni hajatlar we beýleki hajatlar üçin niýetlenen gaýry eýeçilik obýektleri, medeniýet senetleri, açyşlar, oýlap tapyşlar, senagat nusgalary, haryt nyşanlary hem-de hyzmat ediş nyşanlary, akyl zähmetiniň döreden beýleki zatlary.

**5-nji madda. Ýere we beýleki tebigy obýektlere bolan eýeçilik hukugynyň aýratynlyklary**

1.Türkmenistan öz territoriýasyndaky ýerlere we gaýry tebigy obýektlere eýelik etmek, olardan peýdalanmak hem-de olara erk etmek işini amala aşyrýar.

2. Türkmenistanyň raýatlaryna ýer eýeçilige, peýdalanmaga we kärendesine berlip bilner. Ýeri bermegiň tertibi hem-de şertleri Türkmenistanyň Ýer hakyndaky kodeksi hem-de Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk aktlary arkaly kesgitlenýär.

3. Döwletiň aýratyn eýeçiligine degişli bolan suw, ýerasty baýlyklar we beýleki tebigy obýektler eýeçilik hukugynyň subýektlerine-eýelik etmek we peýdalanmak üçin berilýär. Suwy we beýleki tebigy obýektleri eýelik etmäge hem-de peýdalanmaga bermegiň tertibi Türkmenistanyň kanunlary arkaly kesgitlenýär.

Türkmenistanyň we onuň bilen ýanaşyk döwletleriň territoriýasyndaky suwy hem-de beýleki tebigy obýektleri peýdalanmak hem-de olara erk etmek işi şol döwletler bilen baglaşylan şertnama esasynda ýola goýulýar.

**6-njy madda. Eýeçilik hukugynyň subýektleri. Eýeçilik formalary**

1.Türkmenistanda fiziki we ýuridiki taraplar hem döwlet eýeçilik hukugynyň subýektleri bolup bilerler.

2.Türkmenistanda eýeçilik aşakdaky formalarda çykyş edýär:

- husussy eýeçilik;
- döwlet eýeçiligi;
- jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi;
- kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligi;
- bilelikdäki kärhanalaryň eýeçiligi;
- beýleki döwletleriň, olaryň ýuridiki taraplarynyň we graždanlarynyň eýeçiligi;
- halkara guramalarynyň eýeçiligi;
-gatyşyk (birleşen) eýeçilik.

3. Türkmenistanyň kanunçylyk aktlary arkaly başga eýeçilik formalary, ýagny şu Kanunda göz öňünde tutulmadyk eýeçilik formalary hem bellenilip bilner.

**7-nji madda. Emläk eýesiniň emläginden töleg tutup almak**

1. Fiziki taraplar öz borçnamalaryny ýerine ýetirenlerinde, özlerine eýeçilik hukugy esasynda degişli  bolan emläk bilen jogap berýärler.

Karz berijiler graždanlaryň emläginden töleg tutup almak barada talap bildirýän halatynda graždanlaryň töleg tutulyp alnyp bilinmejek emläginiň sanawy Türkmenistanyň kanunlary arkaly bellenýär.

2. Emläk eýesi özüniň döreden ýuridik tarapynyň borçnamalary barada jogapkärçilik çekmeýär, ýuridik tarap hem Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda emläk eýesiniň borçnamalary barada jogapkärçilik çekmeýär.

3. Ýuridik tarapyň borçnamalary boýunça islendik emläkden, ýagny eýeçilik hukugy esasynda ýa-da hojalygy doly ýöretmek hukugy esasynda onuň özüne degişli bolan emläkden toleg tutulyp (Türkmenistanyň kanunçylyk aktlarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda) alnyp bilner.

## II bölüm.
## HUSUSY EÝEÇILIK

### 8-nji madda. Umumy düzgünler

Hususy eýeçilik formasy graždanlaryň eýeçiligine, ýuridik taraplaryň hususy eýeçiligine hem-de fiziki taraplar bilen ýuridik taraplaryň eýeçilik obýektleriniň birleşdirilmegi esasynda döredilýän gatyşyk hususy eýeçilige bölünýär.

### 9-njy madda. Türkmenistanyň graždanlarynyň eýeçiligi

1. Graždanlaryň eýeçiligi: graždanyň eýeçiligi görnüşinde we graždanlaryň birleşiginiň eýeçiligi görnüşinde bolup biler.

2. Şu aşakdaky zatlar graždanyň eýeçiligi bolup biler: ýer uçastoklary-mellek ýerleri, ýaşaýyş jaýlary, kwartiralar, daçalar, bagçylyk öýleri, garažlar, gaýry jaýlar we binalar, mellek ýerdäki agaçlar-ösümlikler, öý hojalyk senetleri we adamyň şahsy sarp ediş zatlary, önüm berýän mal hem-de iş maly, guş-towuk, pul serişdeleri, aksiýalar, obligasiýalar hem-de gymmat bahaly beýleki kagyzlar, akyl zähmetiniň netijeleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, hususy (maşgala) kärhanasy, önümçilik, sarp ediş, sosial, medeni hajatlar we başga hajatlar üçin niýetlenen her bir emläk, ýagny Türkmenistanyň kanunçylyk aktlarynda emlägiň graždana degişli bolup bilmejek diýlip göz öňünde tutulan gornüşlerinden özgeleri.

3.Graždanlaryň birleşiginiň eýeçilik obýekti (emlägi) birleşige girýän graždanlaryň goýýan goýumlarynyň, olaryň alan girdejileriniň we beýleki kanuny çeşmeleriň hasabyna döredilýär.

### 10-njy madda. Ýuridik taraplaryň eýeçiligi

1.Ýuridik taraplaryň, hususy eýeçiligi kärhanalaryň eýeçiligine we telekeçilik birleşikleriniň eýeçiligine bölünýär.

2.Kärhananyň eýeçiligi: döwlet kärhanasynyň bütin emlägi onuň zähmetkeşler kollektiwiniň eýeçiligine geçmegi, şeýle hem kärendä berlen eýeçilik obýektleriniň satyn alynmagy ýa-da olaryň Türkmenistanyň

kanunlarynda göz öňünde tutulan beýleki usullar bilen edinilmegi esasynda döredilýär.

Kärhananyň eýeçilik obýektleri (emlägi) umumy eýeçilik hukugy esasynda kollektiwe degişli bolup biler, şunda onuň her agzasyna düşýän paý kesgitlenilýär (paýly eýeçilik) ýa-da paý kesgitlenilmeýär (bilelikdäki eýeçilik). Umumy eýeçilige degişli eýeçilik obýektlerine (emläge) eýelik etmek, olary peýdalanmak we olara erk etmek işi kollektiwiň ähli agzalarynyň ylalaşmagy esasynda amala aşyrylýar. Umumy paýly eýeçilige gatnaşýan adamyň öz paýynyň bolünip berilmegini, umumy bilelikdäki eýeçilige gatnaşýan adamyň bolsa özüne düşýän paýyň kesgitlenmegini hem-de bölünip berilmegini talap etmäge haky bardyr.

Hojalyk jemgyýetleriniň we şereketleriniň telekeçilik birleşikleriniň hem-de kärendä berlen emlägiň elli prosentinden kopüsini satyn alan kollektiw we kärende kärhanalarynyň, gaýry ýuridik taraplaryň (konsernleriň, assosiasiýalaryň, soýuzlaryň, pudagara, regional birleşikleriň we beýleki birleşikleriň) eýeçilik obýektleri birleşige gatnaşýanlar tarapyndan birleşigiň eýeçiligine meýletin berlen, şeýle hem telekeçilik birleşiginiň alyp baran işiniň netijesinde döredilen emläkdir.

**11-nji madda. Graždanlar bilen ýuridik taraplaryň eýeçilik obýktleriniň birleşdirilmegine esaslanýan gatyşyk hususy eýeçilik**

Graždanlar bilen ýuridik taraplaryň gatyşyk eýeçiliginiň (doly şereketler, gatyşyk şereketler, jogapkärçiligi çäkli şereketler, paýdarlar jemgyýetleri) obýekti (emlägi) şolara gatnaşýanlaryň goýýan goýumlarynyň, alnan girdejileriň hem-de Türkmenistanyň kanunlarynda ýol berilýän beýleki çeşmeleriň hasabyna döredilýär.

## III bölüm.
## DÖWLET EÝEÇILIGI

**12-nji madda. Döwlet eýeçiligi**

1. Ýerasty baýlyklar, tokaý fondy, suw resurslary, howa giňişligi, territorial suwlaryň we deňiz boýunça ykdysady zonanyň resurslary, döwlet tarapyndan goralýan ýa-da aýratyn görnüşde peýdalanylýan tebigy territoriýalar, Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasyna degişli obýektler (seýrek duş gelýän medeni we tebigy ýadygärlikler hem-de tebigatyň, medeniýet taryhynyň, ylmyň we tehnikanyň obýektleri, şol sanda döwlet muzeýlerinde, arhiwlerinde we kitaphanalarynda saklanýan gymmatly zatlar, şol sanda olaryň ýerleşýän otaglary hem jaýlary) Döwletiň aýratyn eýeçiligi hasaplanýar.

2. Döwlet eýeçiligine aşakdakylar degişlidir: ýer, Türkmenistan häkimiýet we dolandyryş organlarynyň, Ýaragly Güýçleriniň, milli howpsuzlyk

organlarynyň, serhet we içerki goşun organlarynyň emlägi; goranmak obýektleri, bir bitewi energetika sistemasy; umumydöwlet ähmiýeti bolan kopçülikleýin peýdalanylýan transport sistemasy, aragatnaşyk we informasiýa sistemasy; döwlet býujetiniň serişdeleri, döwlet (merkezi) banky, beýleki döwlet banklary we olaryň edaralary hem-de olaryň döredýän kredit resurslary; döwlet rezerw, strahowaniýe fondlary we beýleki fondlar; döwletiň okuw jaýlarynyň, ylmy-barlag institutlarynyň, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň hem-de pudaklaýyn akademiýalaryň merkezleriniň hem obýektleriniň, gidrometeorologiýa gullugy obýektleriniň, töwerekdäki sredany we tebigy resurslary goraýyş obýektleriniň, patent, standartizasiýa we metrologiýa gulluklarynyň emlägi; döwlet kärhanalarynyň emlägi; senagatda desgalar hem halk hojalyk kompleksleri, agrosenagat kompleksiniň döwlet kärhanalary; sosial-medeni pudaga degişli obýektler hem-de Döwletiň býujet serişdeleriniň we gaýry serişdeleriniň hasabyna döredilen we edinilen gaýry emläk ýa-da beýleki eýeçilik hukugy subýektleriniň Türkmenistanyň eýeçiligine muzdsuz beren eýeçilik hukugy, açyşlar, oýlap tapyşlar, akyl zähmetiniň beýleki netijeleri.

3. Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen baglaşan ylalaşyklarynda bilelikdäki eýeçilik hukugyna degişli obýektler kesgitlenilip bilner.

4. Döwlet eýeçiligine degişli obýektler hojalygy doly ýörediş ýa-da operatiw dolandyryş hukugy esasynda döwlet kärhanalaryna we birleşiklerine berkidilip bilner.

5. Döwlet eýeçiligine degişli obýektlere (emläge) erk etmek we olary dolandyrmak işini ygtyýarly edilen degişli döwlet organlary alyp barýarlar.

6. Döwlet kärhanasynyň işini kämilleşdirmek hem-de netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen döredilýän paýdarlar jemgyýetine, bilelikdäki kärhana ýa-da hojalyk jemgyýetine (şereketine) gatnaşmagy üçin döwlet eýeçiligine degişli emläk, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary boýunça onuň eýeçiligine berlip bilner. Şu ýagdaýda döwlet kärhanalary öz borçnamalary boýunça şol emlägi bilen jogap berýärler.

**13-nji madda. Ýerli öz-özüni dolandyryş organlarynyň eýeçiligi (munisipal eýeçilik)**

1.Ýerli öz-özüni dolandyryş organlarynyň eýeçiligi şäherleriň, posýoloklaryň we obalaryň Geňeşleriniň eýeçiliginde durýan hem-de şol organlaryň serişdeleriniň hasabyna döredilen ýa-da edinilen eýeçilik obýektlerinden (emläkden) ybarat bolýar.

2. Ýerli öz-özüni dolandyryş organlaryň eýeçiligine (munisipal eýeçilige) aşakdakylar degişli bolup biler: degişli öz-özüni dolandyryş organlarynyň emlägi; ýerli býujetleriň, býujetden daşgary fondlaryň serişdeleri, döwletiň ýaşaýyş jaý fondy we ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygy, döwletiň ýaşaýyş jaý fonduna degişli öýlerdäki ýaşalmaýan otaglar; oba hojalyk, söwda, durmuş

hyzmaty kärhanalary; transport; senagat, gurluşyk we beýleki kärhanalar, kompleksler; döwletiň bilim, medeniýt saglygy saklaýyş edaralary we şäherleriň, posýoloklaryň, obalaryň ykdysady hem-de sosial taýdan ösdürilmegi üçin zerur bolan gaýry emläk.

Ýerli öz-özüni dolandyryş organlarynyň eýeçiligine (munisipal eýeçilige) kanuny esaslarda edinilýän gaýry emläk hem girýär.

3.Ýerli öz-özüni dolandyryş organlarynyň eýeçiligindäki (munisipal eýeçilikdäki) obýektler kärhanalara, guramalara we edaralara hojalygy doly ýörediş ýa-da operatiw dolandyryş hukugy esasynda berlip bilner.

4.Ýerli öz-özüni dolandyryş organlarynyň eýeçilik obýektlerine (munisipal eýeçilik obýektlerine) erk etmek we olary dolandyrmak işini arçynlar amala aşyrýarlar.

## IV bölüm.
## JEMGYÝETÇILIK BIRLEŞIKLERINIŇ (GURAMALARYNYŇ) EÝEÇILIGI

### 14-nji madda. Jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiliginiň gornüşleri

Jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) hut öz eýeçiligine, haýyr-sahawatlyk we gaýry jemgyýetçilik fondlarynyň eýeçiligine, dini guramalaryň eýeçiligine bölünýär.

Türkmenistanyň kanunçylyk aktlarynda jemgyýetçilik birleşikleriniň eýeçiliginde bolup bilmejek eýeçilik obýektleriniň (emläginiň) käbir görnüşleri hem bellenilip bilner, munuň özi döwlet we jemgyýetçilik howpsuzlygy pähimine uýlup ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan ugur alnyp edilýär.

### 15-nji madda. Jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi

Jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçilik obýektlerine jaýlar, desgalar, ýaşaýyş jaý fondy, enjamlar, abzallar, medeni aň-bilim we sagaldyş hajatlary üçin niýetlenen emläk, pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar hem-de şol birleşikleriň özleriniň alyp barýan işlerini üpjün etmek üçin öz ustawlarynda göz önünde tutulan gaýry zerur emläk, akyl zähmetiniň netijeleri degişlidir.

### 16-njy madda. Haýyr-sahawatlyk we gaýry jemgyýetçilik fondlarynyň eýeçiligi

Haýyr-sahawatlyk we gaýry jemgyýetçilik fondlarynyň öz ustawlarynda göz oňünde tutulan işleri ýerine ýetirmekleri üçin, şol fondlary döredijiler tarapyndan olara berlen, şeýle hem öz serişdeleriniň hasabyna edinilen ýa-da

döredilen obýektler (emläk) şol fondlaryň eýeçilik obýektleri (emlägi) hasaplanýar.

**17-nji madda. Dini guramalaryň eýeçiligi**

Dini guramalaryň eýeçilik obýektlerine (emlägine) ybadat, edim-gylym üçin niýetlenen jaýlar, zatlar, onümçilik, sosial we haýyr-sahawat hajatlary üçin niýetlenen obýektler, pul serişdeleri hem-de olaryň öz alyp barýan işini üpjün etmek üçin zerur bolan gaýry emläk degişli bolýar.

Dini guramalaryň ybadat, edim-gylym üçin niýetlenen emläginden karz berijileriň (kreditorlaryň) bildiren talabyna gorä toleg tutulyp alnyp bilinmez.

## V bölüm.
## BILELIKDÄKI KÄRHANALARYŇ, BEÝLEKI DÖWLETLERIŇ, OLARYŇ ÝURIDIK TARAPLARYNYŇ WE GRAŽDANLARYNYŇ EÝEÇILIGI

**18-nji madda. Bilelikdäki kärhanalaryň eýeçiligi**

Türkmenistanyň ýuridiki we fiziki taraplary hem-de beýleki döwletleriň ýuridiki taraplary we graždanlary gatnaşýan bilelikdäki kärhanalar, eger Türkmenistanyň kanunçylyk aktlarynda başga hili göz öňünde tutulmadyk bolsa olaryň eýeçiliginde şol kärhanalary döredіş dokumentlerinde göz öňünde tutulan işi amala aşyrmaklary üçin zerur bolan emlägi bolup biler.

**19-njy madda. Beýleki döwletleriň graždanlarynyň hem-de graždanlygy bolmadyk adamlaryň eýeçiligi**

Şu Kanunyň düzgünleri beýleki döwletleriň raýatlarynyň hem-de raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanda bar bolan eýeçiligi barada hem ulanylýar.

Ýer bölekleri beýleki döwletleriň raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlaryna Türkmenistanyň ýer kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde kärendesine berilýär.

**20-nji madda. Beýleki döwletleriň ýuridik taraplarynyň eýeçiligi.**

Türkmenistanyň territoriýasynda beýleki döwletleriň ýuridik taraplarynyň öz eýeçiliginde Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen tertipde we şertlerde senagat kärhanalary we beýleki kärhanalary, jaýlary, desgalary hem-de hojalyk işini we başga işi ýerine ýetirmek üçin gerek bolan gaýry eýeçilik obýektleri (emlägi) bolup biler.

### 21-nji madda. Beýleki döwletleriň we halkara guramalarynyň eýeçiligi

Türkmenistanyň territoriýasynda beýleki döwletleriň we halkara guramalarynyň öz eýeçiliginde Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda we kanunçylyk aktlarynda bellenen halatlarda we tertipde özleriniň diplomatik, konsullyk we gaýry halkara gatnaşyklaryny amala aşyrmaklary üçin zerur bolan jaýlary, desgalary, emlägi, beýleki eýeçilik obýektlerini edinmäge haky bardyr.

## VI bölüm.
## GATYŞYK (BIRLEŞEN) EÝEÇILIK FORMASY

### 22-nji madda. Gatyşyk eýeçilik formaly kärhanalaryň görnüşleri

Eýeçiligiň gatyşyk (birleşen) formasy hususy eýeçilige degişli, döwlet eýeçiligine degişli obýektleriň, şeýle hem jemgyýetçilik guramalarynyň, daşary ýurt döwletleriniň, olaryň ýuridiki we fiziki taraplaryň eýeçiligine degişli obýektleriň birleşdirilmegi esasynda döreýär.

## VII bölüm.
## KOOPERATIW BIRLEŞIKLERINIŇ EÝEÇILIGI

### 23-nji madda. Kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligi

Kooperatiw eýeçilik obýektleri (emlägi) onuň agzalarynyň berýän pul we beýleki emläk wznoslarynyň, önümçilik, söwda, taýýarlaýyş işini etmekden, gymmat bahaly kagyzlary satmakdan hem-de kooperatiwiň ustawynda göz öňünde tutulan başga işleri ýerine ýetirmekden alnan girdejileriň hasabyna döredilýär.

Kooperatiw birleşikleri şeýle görnüşlerde: alyjylar kooperasiýasynyň birleşikleri, önümçilik kooperatiwleri we gaýry kooperatiwler görnüşinde hem-de beýleki guramaçylyk-hukuk formalary görnüşinde bolup biler.

## VIII bölüm.
## ÝER EÝEÇILIK HUKUGYNYŇ KEPILLENDIRILMEGI WE GORALMAGY

### 24-nji madda. Eýeçilik hukugynyň kepillendirilmegi we goralmagy

1.Türkmenistan şu Kanuna laýyklykda bellenen eýeçilik gatnaşyklarynyň mizemezligini kepillendirýär.

2.Türkmenistan eýeçilik hukugyny ýatyrýan kanunçylyk aktlaryny kabul eden mahalynda, şeýle aktlaryň netijesinde emläk eýesine ýetirilen zyýanyň öwezini döwlet oňa doly töleýär.

3.Eger Türkmenistanyň döwlet organynyň ýa-da gaýry organynyň kanuna laýyk gelmeýän akt çykarmagy netijesinde emläk eýesiniň hem-de beýleki adamlaryň özlerine degişli eýeçilik obýektine (emläge) eýelik etmek, ony peýdalanmak ýa-da oňa erk etmek baradaky hukugy bozulýan bolsa, şeýle akty emläk eýesiniň ýa-da hukugy bozulan adamyň beren arzasyna görä Türkmenistanyň Mejlisi hakyky däl diýip hasap edýär.

4. Emläk eýesi ýa-da hukugy bozulan adam wezipeli adamyň hem-de degişli organyň hereketleri barada suda şikaýat edip biler.

**25-nji madda. Eýeçilik hukugyny goramak**

1. Emläk eýesiniň öz eýeçilik obýektini (emlägini) Türkmenistanyň graždan
kanunlaryna laýyklykda, keseki biriniň bikanun eýelemeginden talap edip almaga haky bardyr.

2. Emläk eýesiniň hukuklary nähili bozulsa-da, hatda munuň özi oňa degişli
eýeçilige eýelik etmek, ondan peýdalanmak ýa-da oňa erk etmek hukugyndan mahrum edilmegi bilen baglanyşykly bolmasa-da ol şol düzgün bozmalaryň düzedilmegini talap edip biler.

3. Emläk eýesiniň hukugy suduň, hojalyk sudunyň ýa-da bitaraplar sudunyň üsti bilen goralýar.

4. Şu maddada göz öňünde tutulan hukuklar emlägiň eýesi bolmadyk, ýöne eýeçilik obýektine hojalygy doly ýöretmek, operatiw dolandyrmak hukugy esasynda ýa-da kanunda we şertnamada göz öňünde tutulan başga esaslara görä eýelik edýän adama hem degişlidir. Şol adamyň öz eýelik edýän emlägini hut emläk eýesinden goramaga hem haky bardyr.

5. Türkmenistan eýeçilik hukugynyň ähli subýektleriniň öz eýeçilik obýektleri baradaky hukugyny, şol sanda hem olaryň beýleki döwletleriň territoriýasynda bar bolan şeýle obýektleri (emlägi) baradaky hukugyny goraýar.

**26-njy madda. Emläk eýesiniň hukugy kanunda göz öňünde tutulan esaslara gorä ýatyrylan wagtynda, onuň bähbitlerini goramak**

1. Diňe Türkmenistanyň kanunçylyk aktlarynda bellenen halatlarda hem tertipde eýeçiligiň muzduny töläp, mejbury alynmagyna ýol berilýär.

Emläk eýesi özüniň eýeçiligini-emlägini muzduny töläp, mejbury almak hakynda çykarylan karara närazy bolan mahalynda, sud jedeli çözýänçä, şol emläk eýesiniň elinden alnyp bilinmez. Jedele seredilende emläk eýesine ýetirilen zyýanyň öwezini tölemek meseleleri hem çözülýär.

2. Tebigy betbagtçylyklar, awariýalar, epidemiýalar, epizootiýalar bolan mahalynda hem-de başga hili adatdan daşary ýagdaýlarda döwlet häkimiýet we dolandyryş organynyň karar etmegi esasynda,Türkmenistanyň kanunlarynda

bellenen tertipde hem şertlerde eýeçilik obýekti onuň eýesiniň elinden jemgyýetiň bähbidi üçin alnyp bilner, şeýle ýagdaýda obýektiň (emlägiň) eýesine onuň şol pursatda dowam eden gymmaty (rekwizasiýa) tolenýär.

Eýeçiligiň kanun boýunça gadagan edilen usul bilen edinilen halatlaryndan başga halatda, onuň konfiskasiýa edilmegine ýol berilmeýär.

3. Emlägiň eýesine jenaýatçylykly ýol bilen ýetirilen zyýanyň öwezini suduň çykaran karary esasynda döwlet töleýär. Şunda döwletiň çykaran çykdajylary sud üsti bilen günäkärden töletdirilip alynýar.

**Türkmenistanyň Saparmyrat**
**Prezidenti Türkmenbaşy**

Aşgabat şäheri
1993-nji ýyl, 1-nji oktýabr
№ 858 - XII